# «Ta» harpy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Ta» harpy «TA» HARPY



Aşyga sezadyr ki eder haýyş wyslat,
Möminlere bolmaz beli, iman kibi nygmat.
Wagyz maňa nakyl eýleme o sap behişti,
Kim jilwäňe ýardyr, belki aşyklara jennet.

Etdiň senem-a, nan-u nemek hakyny nisýan,
Eý, apaty jan hak muňa ýok sende hakykat.

Ki alaý dil-u jan-u hordy jümle seniňdir,
Eý, şohy jepapişe tagazaýa ne jahat.

Tiri müjgänleriň her biri bir tyg kazadyr,
Sen tygy çekip berme begim destiňe zähmet.

Täsin bu naýy gülküňe set bara Wesim-ä,
Sokkarda-da bolunmaz häli latypy hylwat.

* * *

Elwan nagymy gülşen kudsynda sorut et,
Eý, bilbili jan berdigi hep werd-u dut et.

Kyl şosta meýi napla jepagär sowaýy,
Sopy diliňi mazhar myrady şahwet et.

Ýak mejmereýi dilde muhabbetle bir ataş,
Sahty jigeriň ot ediban, ahyňy düýt et.

Geç fahraýy halgatyndan dünýäýi dinden,
Tä heffet ile älemi Alawyýe sugt et.

Dergähi jenany Käbe maksat amaldyr,
Hemwara Wesim-ä, ser köýünde sejde et.

* * *

Arseýi hasan içinde jöwlan et,
Mähri roýuň ile dähri rahşan et.

Keşweri husn-u näze soltansyň sen,
Tur mahy, uşşaga hököm-u perman et.

Bagyş edip jamy laglyň, eý saky,
Meni yşkyň ile mest-u haýran et.

Tygy mähnetile çäk edip, eý dil,
Sahypaýy synaňy gülüstan et.

Keşfi raz eýleme hazary asa,
Gunçaweş buýy yşkyňy pynhan et.

Döwleti yşgu aýaty husnuňda,
Bismili asa Wesimi gurban et.

* * *

Eý, ruhlary aýna, enweri letapet,
Weý hal-u haty nuktaýy, esrar letapet.

Dilmurdaýy set sala berer peýz kelamyň,

Set hikmet-u endişe, güftary letapet.

Synamdaky zahmy elem, tygy nigähiň,
Aguşta behun bir, gül-gülzary letapet.

Ararda degil kamat, tubyda-da ýokdur,
Katdyň kibi bir şiwe, reftary letapet.

Haka dem nazmawer tebigyňa Wesim-ä,
Hatm oldy meger sende bu eşgary letapet.

---

*Beli – hawa, elbetde.*
*Wagyz – dini düzgünleri wagyz ediji, nesihat beriji.*
*Jilwe – gözellik; gözel görnüş.*
*Nan-u nemek hakyny nisýan etmek – iýen duzuňy unutmak.*
*Hord – kiçijik.*
*Jepapişe tagazaýa ne jahat – sütemkeşe haýyş etmek nämä gerek.*
*Sokkar – serhoşluk, meslik.*
*Hylwat – ýekelik, gizlinlik, ýalňyzlyk.*
*Elwan nagymy gülşen kuds – dürli gülli mukaddes ýer.*
*Sorut – aýdym.*
*Werd – bägül, gül.*
*Dut etmek – uludan dem almak.*
*Meýi nap şosta kylmak – sap çakyr bilen ýuwmak.*
*Mazhar – zadyň görünýän ýeri, görnüş.*
*Şahwet – isleg, şöwketparaz.*
*Mejmer – içi otly maňňal; ojak.*
*Saht jiger – doň batyr, daş ýürek.*
*Fahraýy halgat – buýsançly geýim; şöhratly serpaý.*
*Heffet ile – durnuksyzlyk bilen.*
*Älemi Alawyýe sugt etmek – Alawylaryň älemine çykmak (barmak).*
*Hemwara – elmydama, hemişe.*
*Arse – meýdança.*
*Jöwlan etmek – aýlanmak, sergezdanlyk etmek.*
*Dähri rahşan kylmak– dünýäni ýagtylandyrmak.*
*Keşfi raz eýlemek – syryňy açmak.*
*Bismil asa –gurban ediljek kimin.*
*Enweri letapet – iň nurly gözel.*

*Nuktaýy esrar – gizlin, syrly nokat.*
*Dilmurda – ýüregi ölen, ýüregi ýaraly.*
*Aguşta behun – gana bulaşan.*
*Ararda degil kamat – dag arçasynda bolmadyk boý-syrat.*
*Tuby – dini düşünjelere görä, «jennetdäki» uzyn boýly bir agajyň ady.*
*Şiweýi reftar – näzik, owadan gylyk-häsiýet.*
*Haka dem nazmawer tebigy – hakyň demi düşen zehinli goşgy ýazýan.*
*Hatm bolmak – gutarmaklyk, tamam bolmaklyk.*
*Eşgary letapet – gözel şygyr.* Goşgular